TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
K A R A R Y

«04» awgust 2015 ý. № 14354 Aşgabat ş.

Türkmenistanyň Prezidentiniň käbir kadalaşdyryjy hukuk namalaryna üýtgetmeler, goşmaçalar girizmek we olaryň käbirini güýjüni ýitiren hasap etmek hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2015 ý. № 8, 3747-nji madda)

8. «Jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2004-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda çykaran 6547-nji kararynda (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň 2004-nji ýyldaky 1-nji ýygyndysynyň 31 -nji maddasy):

adynda we mazmunynda hasaba almaga salgylanmany bellige almaga salgylanma bilen çalşyrmaly;

2-nji bölüminiň üçünji bendinde «umumymilli» diýen sözi «milli» diýen söz bilen çalşyrmaly;

şol karar bilen tassyklanan, Jemgyýetçilik birleşiklerini hasaba almagyň Kadalarynda:

adynda hasaba almaga, mazmunynda hasaba almaga, döredişgurultaýyna, döredişresmi namalaryna salgylanmalary degişlilikde bellige almaga, esaslandyryjy gurultaýyna, esaslandyryş resminamalaryna salgylanmalar bilen çalşyrmaly;

3-nji bölümini şu görnüşde beýan etmeli:

«3. Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan görnüşlerine garamazdan, jemgyýetçilik birleşikleri, şeýle hem halkara we daşary ýurt döwletleriniň jemgyýetçilik birleşikleriniň Türkmenistanyň çäklerinde döredilen gurluş düzüm birlikleri guramalary, bölümleri (şahamçalary) we wekillikleri bellige alynýar.»;

4-nji bölümini şu görnüşde beýan etmeli:

«4. Jemgyýetçilik birleşiginiň bellige alynmagy üçin şu resminamalar berilýär:

1) jemgyýetçilik birleşiginiň ähli esaslandyryjylarynyň we ýolbaşçy edarasynyň agzalarynyň familiýalaryny, atlaryny, atasynyň atlaryny görkezmek bilen, olar tarapyndan gol çekilen arza;

2) jemgyýetçilik birleşiginiň iki nusgalykdaky tertipnamasy;

3) jemgyýetçilik birleşigini döretmek baradaky, onuň tertipnamasyny tassyklamak hakyndaky hem-de ýolbaşçy we gözegçilik-derňew edaralaryny döretmek baradaky maglumatlary özünde jemleýän esaslandyryjy gurultaýynyň (konferensiýasynyň) ýa-da umumy ýygnagynyň teswirnamasy;

4) esaslandyryjylar hakyndaky maglumatlar;

5) bellige alyş ýygymynyň tölenilendigi hakyndaky resminama;

6) jemgyýetçilik birleşigine ýuridik salgynyň berlendigi baradaky resminama.

Türkmenistanda döredilen halkara jemgyýetçilik birleşiginden başga halkara jemgyýetçilik birleşiginiň bellige alynmagy üçin şu bölümde sanalyp geçilen resminamalardan başga-da, Türkmenistanyň çäginden daşarda gurluş düzüm birliginiň - guramasynyň, bölüminiň (şahamçasynyň), wekilliginiň bardygyny tassyklaýan resminama zerurdyr.

Daşary ýurt döwletleriniň jemgyýetçilik birleşikleriniň gurluş düzüm birlikleri Türkmenistanyň çäginde bellige alnanda, daşary ýurduň çäginde döredilen esasy jemgyýetçilik birleşiginiň bellenen tertipde kepillendirilen esaslandyryş resminamalarynyň nusgalarynyň berilmegi hökmandyr.»;

7-nji bölümini şu görnüşde beýan etmeli:

«7. Esaslandyryjylaryň - şahsy taraplaryň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly, raýatlygy, hemişelik ýaşaýan ýeriniň salgysy we telefony, pasport maglumatlary (tapgyry we belgisi, berlen senesi hem-de ýeri, kim tarapyndan berlendigi) jemgyýetçilik birleşigini döwlet tarapyndan bellige almak üçin talap edilýän olar hakyndaky maglumatlara degişlidir. Görkezilen maglumatlar esaslandyryjylaryň şahsy goly bilen tassyklanylýar.

Şahsy taraplar bilen bir hatarda esaslandyryjylaryň düzümine girip biljek edara görnüşli taraplar bolup durýan jemgyýetçilik birleşikleri babatda esaslandyryjylar hakyndaky maglumatlarda: jemgyýetçilik birleşiginiň guramaçylyk-hukuk görnüşine we işiniň çägine salgylanmagy özünde jemleýän doly resmi ady; bellige alnandygy hakyndaky şahadatnamanyň belgisini görkezmek bilen, jemgyýetçilik birleşiginiň bellige alnan senesi; hukuk salgysy görkezilýär.

Esaslandyryjylaryň düzümine girip biljek Türkmenistanyň beýleki edara görnüşli taraplary hakyndaky maglumatlarda: edara görnüşli taraplaryň guramaçylyk-hukuk görnüşine salgylanýan doly resmi ady; Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnamanyň belgisini görkezmek bilen, edara görnüşli tarapyň bellige alnan senesi hem-de hukuk salgysy görkezilýär.»;

18-nji bölüminde «bir aý möhletde» diýen sözleri «ýigrimi bäş senenama gününiň dowamynda» diýen sözler bilen çalşyrmaly;

28-nji bölüminde:

birinji bendini şu görnüşde beýan etmeli:

«28. Jemgyýetçilik birleşikleri tertipnamada göz öňünde tutulan halatlarda gurultaýyň (konferensiýanyň) ýa-da umumy ýygnagyň çözgüdi boýunça işini bes edende ýa-da kazyýetiň çözgüdi boýunça ýatyrylanda Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan bellige alynmagy ýatyrylýar.»;

ikinji bendini aýyrmaly;

dördünji bendinde «ýapylmagy» diýen sözi «ýatyrylmagy» diýen söz bilen çalşyrmaly;

30-njy bölümini şu görnüşde beýan etmeli:

«30. Jemgyýetçilik birleşigini sanawdan çykarmak baradaky çözgüt jemgyýetçilik birleşiginiň ýolbaşçy edarasyna, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligine, salgyt gullugy, statistika we bank edaralaryna iberilýär.».